# Bir gysymjyk gyrtyç bolsa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bir gysymjyk gyrtyç bolsa… BIR GYSYMJYK GYRTYÇ BOLSA…

Meýdanda gar ýatyr, golun ýassanyp,
Possuny gunduzdan, şöhlesi mawy.
Ümsüm dagyň dodagyndan saz damýar,
Oýarasy gelip irkilen zawy.

Şahadan gaçan bir çogdam gyraw,
Gelip gülgün ýaňagymy ogşady.
Menin dünýä bolan söýgimi görüp,
Aşagynda eräm ak gar lagşady.

Görenim özümki, garlar meniňki,
Maňa gujak geren daglar ýarady.
Ýüzlerinden agşam şemal dyrmaşyp,
Mähir küýsän saçlarymy darady.

Göwnüme daşlaň gülläsi gelýär,
Daglar gyş ukusyndan bolupdyr bimar.
Meniň billerime çolaşan duman,
Taý gelmez şekile salypdyr timar.

Şu günde ýylylyk,
Ertirde bahar,
Gadyr bilene bir oýnam söz diýmedim.
Jam deý yzlarymda ereýär garlar,
Bir gysymjyk gyrtyç bolsa…
Küýsedim…

Oguljemal ÇARYÝEWA. Goşgular